# Göwündarlyk goşgusy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Göwündarlyk goşgusy GÖWÜNDARLYK GOŞGUSY



Eý, Allaýar, aýt, ne gam çekesen?
Bagt dälmi ýer ýüzünde barlygyň?
Gözüň görýär, aýaklaryň ýöreýär,
Sygyndygyň Magtymguly – baýlygyň!
Elbetde, ýetmişden geçipdir salyň,
Bilýän, indi ömür paýawlap barýar.
Şonda-da durmuşa hyjuw solmandyr,
Gije-gündiz beýni pikir saraýar.

Ýaşap ýörkäň asman-zemin erkiňde,
Dag-deňiz, derýalar… röwüş alandyr.
Muny duýmagyňam mazasy başga,
Lapykeçlik owal-ahyr ýalandyr.

Begen ak göwünden her dogan Güne,
Ýaşap ýörkäň iň bagtly eke sen.

Gözüň görüp durka ähli zat ýagşy,
Düşünemok, aýt, ne gam çekesen?

Allaýar ÇÜRIÝEW. Goşgular